# Söýgi kitabyndan

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Söýgi kitabyndan SÖÝGI KITABYNDAN

Ne döw çaldy, bilmedim men,
Sende asyl barça göwnüm.
Bir posany alamdan soñ,
Sensiz hiç geçenok günüm.

Ne döw çaldy, bilmedim men,
Sen özgeden gaty zyýat.
Ýa illeriñ gözelligi,
Boldumyka beýle sumat…

Ýa ýürek aldaýan bolsa,
Söýgi meniñ gözüm gapsyn.
Boş hyýala gidýän bolsam,
Her kim öz pälinden tapsyn.

Aklymdan azaşan bolsam,
Biwepalyk gyljy kessin.
Ýöne entek boş hyýalyñ
Bilemok çykanyn üstün.

Ne sebäpden sen özüñe
Meni beýle çekdiñ gaýym.
Prometeý dek ýüregiñi
Ogurlan bolan bolmaýyn.

* * *

Men gitdim.
Uludan dem alma beýle,
Aramyza bent goýuldy dag deýin.
Diwarlar, döwürler, ýene-de näme…
Haýsy birin olañ beýan edeýin.

Men gitdim.
Arany çürt-kesik ýolup,
Geziber sen indi uzakda galyp.

Wasiliý FÝODOROW.

Terjime eden Öwezmyrat BABAÝEW.

«Ýaş kommunist» gazeti, 11.12.1965 ý. Goşgular